Türkmenistanyň Adalat ministrliginde
2019-njy ýylyň 30-njy sentýabrynda
1262 bellige alyş belgisi
bilen döwlet belligine alyndy.

Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministriniň
2019-njy ýylyň 10-njy sentýabrynda çykaran 243 belgili buýrugy

**Galyndylardan öndürilýän önümlere degişli sanitariýa-gigiýena kadalaryny tassyklamak barada**

Türkmenistanyň Sanitariýa kodeksiniň 54-nji maddasyna, «Raýatlaryň saglygynyň goralmagy hakynda», «Galyndylar hakynda» Türkmenistanyň Kanunlaryna, «Hukuk namalary hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 15-nji we 44-nji maddalaryna laýyklykda,

**B U Ý U R Ý A R Y N:**

1. Galyndylardan öndürilýän önümlere degişli Sanitariýa-gigiýena kadalaryny tassyklamaly (goşulýar).
2. Şu buýrugyň döwlet belligine alnan gününden başlap 10 (on) iş gününiň dowamynda resmi çap edilmegini üpjün etmeli we resmi çap edilen güni barada Türkmenistanyň Adalat ministrligine habar bermeli.
3. Su buýrugyň ýerine ýetirilişine gözegçiligi Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministriniň orunbasary, Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň başlygy A. Gylyjowa tabşyrmaly.

**Ministr N. Amannepesow**

**Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministriniň 2019-njy ýylyň 10-njy sentýabrynda çykaran 243 belgili buýrugy bilen tassyklanyldy**

## Galyndylardan öndürilýän önümlere degişli Sanitariýa-gigiýena kadalary

### I bap. Umumy düzgünler

1. Galyndylardan öndürilýän önümlere degişli Sanitariýa-gigiýena kadalary (mundan beýläk – Sanitariýa kadalar) Türkmenistanyň Sanitariýa kodeksiniň 54-nji maddasyna, «Galyndylar hakynda», «Raýatlaryň saglygynyň goralmagy hakynda» Türkmenistanyň Kanunlaryna we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalara laýyklykda işlenilip taýýarlanyldy.

2. Şu Sanitariýa kadalar, degişli işläp geçmelerden soň dürli senagat pudaklarynda çig mal hökmünde ulanylýan galyndylaryň aşakdaky görnüşlerine degişlidir:

1) tebigy, himiki we garyndy öndürilen süýümlerden, ulanyşda bolan dokalan, dokalmadyk, örülen önümlerden ybarat bolan işlenilip geçilmedik dokma çig maly we dokalan matalaryň galyndylary;

2) işlenilip geçilmedik ulanylan kagyz we karton;

3) çüýşe gaplar we çüýşe döwükleri;

4) demir we alýuminiý gaplar;

5) polimer materiallar (polietilen, polietilenstirol, polietilentereftalat, polipropilen we beýlekiler);

6) gara we reňkli metallar.

Bellik: mallardan gelip çykýan galyndylary toplamak, sortlamak, dezinfeksiýa taýdan işläp geçmek, gaýtadan ulanmak döwlet weterinariýa gözegçiliginiň degişli kadalary boýunça amala aşyrylýar.

Şu Sanitariýa kadalar I, II we III klasly howplulygy bolan galyndylara degişli däldir.

3. Şu Sanitariýa kadalaryň talaplarynyň berjaý edilmegi ýörite bellenen ýerlerde ýa-da ýörite enjamlaşdyrylan obýektlerde galyndylary toplamak, sortlamak, dezinfeksiýa taýdan işläp geçmek, gaýtadan ulanmak we olardan önüm öndürmek boýunça ulanylýan, şeýle hem täzeden taslamalaşdyrylýan binalaryň we desgalaryň, ýuridik şahslar hem-de ýuridik şahsy döretmezden galyndylar bilen iş salyşmak çygrynda önümçilik we hojalyk işini amala aşyrýan fiziki şahslar-hususy telekeçiler (mundan beýläk – galyndylardan önümi öndürijiler) üçin hökmany bolup durýar.

4. Galyndylardan önümi öndürijileriň kärhanalary barada sanitariýa-gigiýena netijenamasy Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň (mundan beýläk- Ministrlik) Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň (mundan beýläk- Gulluk) edaralary tarapyndan berilýär.

5. Galyndylardan önümi öndürmek boýunça täze kärhanalary taslamalaşdyrmak we ulanylýan kärhanalaryň durkuny täzelemek işleri Ministrligiň Gullugynyň

edaralarynyň ylalaşmagy boýunça amala aşyrylmalydyr.

6. Galyndylardan öndürilýän önümleri standartlaşdyrmak we sertifikatlaşdyrmak Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylmalydyr.

## II bap. Galyndylary gaýtadan ulanmak üçin ýygnamak we daşamak

7. Galyndylary gaýtadan ulanmak üçin ýygnamak we daşamak Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde amala aşyrylýar.

8. Ilatdan hojalyk galyndylary ýygnamak üçin göçme däl we göçme kabul ediş nokatlaryny azyk we senagat harytlary dükanlarynyň jaýlarynda, şol dükanlaryň ammar jaýlarynda, söwda we jemgyýetçilik iýmiti kärhanalarynyň çäklerinde gurnamak gadagan edilýär.

9. Zibilhanalarda we galyndylaryň ýerleşdirilýän ýerlerinde galyndylary ýygnamagy, Ministrligiň Gullugynyň edaralarynyň ylalaşmagy boýunça, tehniki howpsuzlygyň düzgünleriniň we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek çäreleriniň (ýörite egin-eşigiň, ýörite aýakgabyň we beýleki hususy gorag serişdeleriniň) ählisini berjaý etmek bilen, diňe ýörite döredilen toparlar arkaly amala aşyrmaga ýol berilýär.

10. Ýokanç keseller, deri-wenerologiýa, onkologiýa, inçekesel ugurly bejeriş-öňüni alyş edaralarynda we bejeriş-öňüni alyş edaralarynyň patologo-anatom, iriňli hirurgiýa we beýleki bölümlerinde hem-de weterinariýa edaralarynda emele gelen galyndylary ýygnamak gadagan edilýär.

11. Zäherli maddalary öndürýän we ulanýan kärhanalarda emele gelen galyndylary ýygnamak gadagan edilýär.

Saglygy goraýyş ulgamynda ulanylan lukmançylyk serişdelerini ýygnamak gadagan edilýär.

12. Ýaşaýyş jaýlarynyň, mekdebe çenli çagalar edaralarynyň, umumybilim edaralarynyň we saglygy garaýyş edaralarynyň çäklerinde, ýygnalan galyndylary görnüşler boýunça sortlamak gadagan edilýär.

13. Zir-zibilleri gaýtadan işleýän kärhanalarda hojalyk zir-zibilinden alnan we dezinfeksiýa taýdan işläp geçilen galyndylary gaýtadan çig mal hökmünde ulanmak üçin taýýarlamaga, Ministrligiň Gullugynyň edaralarynyň ylalaşmagy boýunça ýol berilýär.

14. Epidemiýa görkezijiler boýunça, Ministrligiň Gullugynyň edaralary tarapyndan galyndylary ýygnamak kesgitlenilen möhlete çenli togtadylyp bilner.

15. Sanitariýa-epidemiogik babatynda howply hasaplanylýan galyndylar Ministrligiň Gullugynyň edaralarynyň talaplaryna laýyklykda dessine çetleşdirilmäge we gyzgynlyk bilen dezinfeksiýa taýdan işläp geçilmäge degişlidir.

16. Galyndylardan önümi öndürijileriň özüniň ýörite enjamlaşdyrylan ulag serişdeleri bolmalydyr.

17. Galyndylary ýygnamaga, daşamaga we saýlamaga gözükdirme geçirilen we ýörite sanjym edilen işgärler goýberilmelidirler.

18. Işgärleriň saglygyna ýaramaz täsiriň öňüni almak maksady bilen, galyndylar gaýtadan ulanylanda ähli zerur bolan sanitariýa-epidemiologiýa talaplar we tehniki howpsuzlyk düzgünler (ýörite egin-eşikleriň hem-de dem alyş ýollaryny goramak üçin ýörite şahsy gorag serişdeleriň bolmagy) berjaý edilmelidir.

19. Ilatdan galyndylary ýygnamak olaryň görnüşleri boýunça aýratynlykda degişli

gaplara gaplanan (berk haltalar, polietilen torbalar we beýlekiler) görnüşde amala aşyrylýar. Ýygnalyp alnan galyndylar öý eýeleriniň wagtlaýyn saklamagy üçin ýörite niýetlenen meýdançalaryna (ýapyk gaplar we beýlekiler), hususy telekeçilere ýa-da göçme däl nokatlara getirilip bilner.

20. Galyndy ýygnalýan gaplar yzygiderli wagtal-wagtal dezinfeksiýa taýdan işläp geçilmelidir we ýuwulmalydyr ýa-da täze gaplar bilen çalşyrylmalydyrlar.

21. Ilatdan ýygnalyp alnan galyndylary wagtlaýyn saklamak üçin göçme däl nokatlar Ministrligiň Gullugynyň edaralarynyň ylalaşmagy boýunça ýaşaýyş jaýlaryndan çetleşdirilen jaýlarda gurnalýar. Bu jaýlarda, galyndylar görnüşleri boýunça aýratynlykda saklanylmalydyr.

22. Galyndy ýygnalýan gaplar, galyndy salnan haltalar, kagyz küşülleriň gysylan desseleri we beýlekiler, galyndylardan önümi öndürijileriň ammarlaryna ýörite enjamlaşdyrylan ulag serişdeler arkaly äkidilmelidir.

23. Galyndylary emele gelen we ýygnalan ýerinde daşamak şu aşakdaky möhletlerde amala aşyrylmalydyr:

1) saglygy goraýyş edaralaryndan – her gün;

2) çäklerinde galyndylaryň ýygnalmagy amala aşyrylýan ähli desgalardan galyndylaryň beýleki görnüşlerini daşamak – galyndy ýygnalýan gaplarda toplanmagyna laýyklykda;

3) galyndylardan önümi öndürijileriň kabul ediş nokatlaryndan galyndylary daşamak – onuň toplanmagyna laýyklykda.

## III bap. Hojalykda emele gelen galyndylary gaýtadan çig mal hökmünde ulanmak üçin ýygnamak boýunça göçme däl kabul ediş nokatlaryna bildirilýän sanitariýa-epidemiologiýa talaplar

24. Ilatdan alnan hojalyk galyndylary taýýarlamak boýunça göçme däl kabul ediş nokatlary aýratyn duran jaýlarda ýerleşdirilip bilner hem-de olar ýaşaýyş we jemgyýetçilik jaýlaryndan 20 metrden az bolmadyk aralykda, saglygy goraýyş edaralaryndan, mekdebe çenli çagalar edaralaryndan we umumybilim edaralaryndan 50 metrden az bolmadyk aralykda ýerleşmelidirler.

25. Göçme däl kabul ediş nokatlary şu otaglardan ybarat bolmalydyr:

1) beýleki otaglardan aýratyn bolan ilatdan hojalyk galyndylary kabul edip almak üçin otagy;

2) galyndylaryň dürli görnüşlerini wagtlaýyn saklamak üçin böleklere bölünen ammar otaglary;

3) suwa düşülýän, hajathana we el ýuwguçly otaglary;

4) arassa we hapa (iş) eşigini, dezinfeksiya serişdeleri, öwseleleri we beýlekileri saklamak üçin şkafly otag.

Kabul ediş nokady sowuk we gyzgyn suw gelýän ulgama we lagym ulgamyna birikdirilen bolmalydyr, otaglary howany täzeleýji-çekiji şemalladyjylar bilen enjamlaşdyrylan bolmalydyr.

26. Kabul ediş nokadynyň otaglarynyň içiniň ýeri (poly) we diwarlary arassalyk babatda aňsatlyk bilen ýuwulýan we dezinfeksiýa taýdan işläp geçilýän örtük bilen örtülen bolmalydyr. Otagyň howasy çalyşylýan hem-de tebigy we emeli ýagtylandyryşy

bolmalydyr.

27. Galyndylaryň göçme däl kabul ediş nokatlarynyň ähli otaglary arassa saklanylmalydyr. Otaglarda her gün çygly arassaçylyk işleri geçirilmelidir we azyndan aýda 1 gezek dezinfeksiýa taýdan işlenip geçilmelidir, zerurlyk ýüze çykanda bolsa, mör-möjeklere garşy (dezinseksiýa) we gemrijilere garşy (deratizasiýa) çäreler geçirilmelidir. Siňekleriň we arylaryň sany köp bolanda, esasan hem ýylyň maýyl möwsümlerinde görkezmeler boýunça mör-möjeklere garşy (dezinseksiýa) çäreleri geçirmek maslahat berilýär.

28. Desgany dezinfeksiýa taýdan işläp geçmek üçin Türkmenistanda bellenilen tertipde ulanmaga rugsat edilen dezinfeksiýa serişdeleriň ulanylmagyna ýol berilýär. Desgany dezinfeksiýa taýdan işläp geçmek bilen bilelikde ony ýuwmaga hem mümkinçilik berýän kation üst-işjeňlikli serişdeleriň esasynda bolan ýuwujy täsirli dezinfeksiýa serişdeleri ulanmak maksada laýykdyr.

Otaglary mör-möjekleri ýok etmek maksady bilen işläp geçmek üçin emulsiýa konsentratlary, öllenýän külkeler, dustlar görnüşindäki we aerozol (sepilýän) gaplardaky serişdeleriň ulanylmagy maksadalaýyk hasaplanylýar.

Dezinfeksiýa serişdeleri, olary ulanmak boýunça Gözükdirmäni berk berjaý edip ulanmak, öndürijiniň hakyky gabynda ýörite niýetlenilen ýerlerde saklamak zerurdyr.

## IV bap. Galyndylary gaýtadan ulanmak boýunça kärhanalara bildirilýän sanitariýa-epidemiologiýa talaplar

29. Galyndylardan önümi öndürijileriň kärhanalary ilatly ýerleriň senagat zolaklarynda ýerleşdirilmelidir.

30. Galyndylardan önümi öndürijileriň kärhanalarynyň çäkleri haýat bilen gurşalan, tekizlenen we abadanlaşdyrylan bolmalydyr, geçelgelere we ulag duralgalaryna asfalt düşelen bolmalydyr, boş ýerlerine agaç ekilmelidir. Gaplary hem-de ulaglary ýuwmak we dezinfeksiýa taýdan işläp geçmek üçin meýdança bölünip berilmelidir hem-de enjamlaşdyrylmalydyr.

31. Galyndylardan önümi öndürijileriň kärhanalarynda adamyň saglygyna ýetiriljek ýaramaz täsiriň we daşky gurşawyň hapalanmagynyň öňüni alýan döwrebap tehnologiýalar ulanylmalydyrlar.

32. Galyndylary dezinfeksiýa taýdan işläp geçmek hem-de mör-möjeklere garşy, ýagny dezinseksiýa taýdan işläp geçmek döwrebap usullar bilen, şol sanda fiziki usullar ulanylyp amala aşyrylmalydyr.

33. Galyndylardan önümi öndürijileriň kärhanalarynyň düzüminde şular bolmalydyr:

1) galyndylary kabul etmek, sortlamak, saklamak üçin aýratyn otaglar;
2) önümçilik we hojalyk galyndylaryny işläp geçmek üçin aýratyn otaglar;
3) işgärleriň naharlanmagy we dynç almagy üçin otaglar;
4) arassa we hapa bölümleri bolan geýim çalşylýan ýerleri, içinden geçilýän suwa düşülýän ýerleri, hajathanalary we elýuwguçlary;
5) geýimleri dezinfeksiýa taýdan işläp geçmek üçin otaglar;
6) öwseleleri we dezinfeksiýa serişdeleri saklamak üçin otaglar;
7) edara otaglary we beýlekiler.

34. Galyndylardan önüm öndürmek boýunça ähli karhanalar süw üpjünçiligi, lagym ulgamlary hem-de fiziki we süzgüçden geçirmek ýa-da beýleki usullar bilen sorulyp alynýan howanyň düzümini tozandan arassalaýan gurluşlar bilen enjamlaşdyrylmagy göz öňünde tutulan ýerli we umumy howany täzeleýji-çekiji şemalladyjy ulgam bilen üpjün edilmelidir.

Önümçilik otaglarynyň içinde gapdal we üstki diwarlary, ýerleri tekiz hem-de arassalyk babatda aňsatlyk bilen tozany aýyrmagy, ýuwmagy we dezinfeksiýa taýdan işläp geçmegi üpjün edýän bolmalydyr.

35. Galyndylardan önüm öndürmek boýunça kärhanalaryň otaglaryndan we çäklerinden zir-zibilleri we önümçilik galyndylary aýyrmak üçin asfalt düşelen meýdançada zir-zibil ýygnalýan gaplar goýulmalydyr.

36. Kärhanalaryň ähli otaglarynda azyndan aýda 1 gezek dezinfeksiýa we dezinseksiýa taýdan işläp geçmek çäreleri geçirilmelidir. Mör-möjeklere garşy dezinseksiýa çäreleri gönüden-göni galyndylar saklanylýan ýerlerde hem-de oňa galtaşýan otaglarda geçirýärler we zerurulyk ýüze çykanda gemrijilere garşy, ýagny deratizasiýa çäreleri hem geçirýärler.

## V bap. Galyndylary daşamaga bildirilýän sanitariýa-epidemiologiýa talaplar

37. Galyndylary daşamak diňe şu aşakdaky talaplara laýyk gelýän we ýörite enjamlaşdyrylan ulag serişdeleri arkaly amala aşyrylmalydyr:

1) sürüjiniň otagy ýük garnawyndan ýörite germew bilen bölünen bolmalydyr;

2) ýük garnawy ýapyk görnüşli bolmalydyr;

3) ýük garnawy konteýnerleri berkitmek ulgamy bilen üpjün edilen bolmaly;

4) ulaglaryň garnawlarynyň (kuzowlarynyň) düýbi we diwarlary bitewi, gorumlarynyň biri bolsa açylýan bolmalydyr;

5) ulagyň ähli bölekleri arassalamak we dezinfeksiýa taýdan işläp geçmek üçin elýeter bolmalydyr;

6) garnawyň içki örtügi ýuwujy we dezinfeksiýa serişdeleriň täsirine durnukly materiallardan bolmalydyr;

7) garnawyň daşky böleginde bellik goýulmalydyr;

8) heläkçilik ýagdaýyny aradan aýyrmak üçin serişdeler toplumy bolmalydyr (paketler, ellikler, suw, dezinfeksiýa serişdeler we beýlekiler).

38. Galyndylary daşamak üçin ulagyň durmagyna, diňe Ministrligiň Gullugynyň edaralarynyň ylalaşmagy bilen bellenilen meýdançalarda ýol berilýär.

39. Galyndylary daşamak üçin ulaglar we gaplar, bellenilen tertipde ýerleşdirilen pürküji gurluşlary ulanmak arkaly dezinfeksiýa taýdan işlenilip geçilýär.

Ýöriteleşdirilen ulag serişdelerini ýuwmak we dezinfeksiýa taýdan işlenilip geçmek boýunça işleri, ulagyň beýleki görnüşleri bilen bilelikde umumy ýuwalga nokatlarynda geçirmek gadagan edilýär.

40. Ýöriteleşdirilen ulag serişdelerini sanitariýa taýdan işläp geçmek işi garnawyň hem-de konteýnerleriň içki örtüklerini ýuwmakdan we dezinfeksiýa taýdan işlenilip geçmekden ybaratdyr.

41. Ýöriteleşdirilen ulagyň ýük garnawyny sanitariýa taýdan işläp geçmek işi

azyndan hepdede 1 gezek hem-de heläkçilik ýagdaýlaryndan soňra geçirýärler.

42. Ýöriteleşdirilen ulag serişdelerini we konteýnerleri sanitariýa taýdan işläp geçmek boýunça işler şu maksatlar üçin ýörite niýetlenilen we enjamlaşdyrylan meýdançalarda ýerine ýetirilmelidir.

43. Ýöriteleşdirilen ulag serişdelerini we konteýnerleri sanitariýa taýdan işläp geçmek boýunça işler üçin meýdança gaty örtükli we ulanylan suwlary arassalaýan ulgam bilen enjamlaşdyrylan bolmalydyr.

44. Galyndylary ýolagçylary gatnadýan ulagda ýa-da azyk we oba hojalyk önümlerini daşaýan ulaglarda daşamak gadagandyr.

## VI bap. Galyndylardan öndürilýän önümlere bildirilýän talaplar

45. Galyndylardan öndürilýän önümiň önümçilik tehnologiýasy hökmany suratda Ministrligiň Gullugy bilen ylalaşylmalydyr.

46. Galyndylardan öndürilýän ähli önümde, onuň adamyň saglygyna howpsuzlygy barada Ministrligiň Gullugy tarapyndan berilýän sanitariýa-epidemiologiýa netijenamasy bolmalydyr.

Galyndylardan öndürilýän önüm iýmit önümleriniň we agyz suwunyň gaplanylmagy hem-de iýmit önümleri bilen galtaşmagy üçin niýetlenilen bolmaly däldir.

47. Galyndylar bilen iş salyşmak çygrynda galyndylardan önümi öndürijiler şu aşakdakylara borçludyrlar:

1) galyndylaryň emele gelmegini azaltmak üçin ähli zerur çäreleri görmäge;

2) galyndylar ýygnanylan, saklanylan, peýdalanylan, gaýtadan ulanylan, zyýansyzlandyrylan we gömlen mahalynda galyndylar bilen iş salyşmak çygrynda bellenilen sanitariýa we ekologiýa kadalaryny hem-de düzgünlerini berjaý etmäge;

3) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde galyndylary hökmany hasaba almaga we olar hakynda hasabatlylyk bermäge;

4) özleriniň önümçilik we hojalyk işleriniň netijesinde emele gelýän galyndylaryň emele gelmeginiň kadalarynyň we galyndylary ýerleşdirmegiň çäklendirilen möçberleriniň taslamalaryny işläp taýýarlamaga hem-de daşky gurşawy goramak babatda ýerine ýetiriji häkimiýetiň ygtyýarlandyrylan edarasyna we galyndylar bilen iş salyşmak çygrynda ýerine ýetiriji häkimiýetiň beýleki ygtyýarlandyrylan edaralaryna ylalaşmak üçin bellenilen tertipde olary bermäge;

5) özleri eýesi bolup durýan galyndylary gaýtadan ulanmak boýunça innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmak boýunça çäreleri görmäge;

6) önümçiligiň tehnologiýasy bilen göz öňünde tutulan ýagdaýlardan başga ýagdaýlarda, galyndylaryň garyşmagyna ýol bermezlige;

7) galyndylar bilen iş salyşmak çygrynda ýerine ýetiriji häkimiýetiň ygtyýarlandyrylan edaralaryna we ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryna galyndylaryň daşky gurşawa, suw obýektlerine rugsatsyz dökülen ýagdaýlary we görlen çäreler barada maglumaty haýal etmän bermäge;

8) hojalyk galyndylaryny ýygnamagy we alyp gitmegi amala aşyrýan kärhanalaryň hyzmatyndan peýdalanylandygy üçin, şeýle hem galyndylaryň ähli görnüşleri ýerleşdirilen we (ýa-da) gömlen mahalynda daşky gurşawyň hapalanandygy

üçin tölegi bellenilen tertipde tölemäge;

9) özüniň önümçilik işleriniň galyndylaryny ýerleşdirmegiň ýa-da gömmegiň netijesinde ýa-da galyndylar bilen iş salyşmak çygrynda Türkmenistanyň kanunçylygynyň talaplarynyň bozulmagy sebäpli ilatyň saglygyna we daşky gurşawa ýetirilen zeleliň, şeýle hem ýuridik we fiziki şahslaryň emlägine ýetirilen zeleliň öwezini dolmaga;

10) galyndylar bilen iş salyşmak çygrynda Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda beýleki borçlary ýerine ýetirmäge.

## VII bap. Galyndylar bilen işleýän işgärleriň şahsy gigiýenasy

48. Galyndylardan önümi öndürijileriň kärhanalarynda işleýän işgärler deslapky we döwürleýin lukmançylyk barlagyny geçýärler (azyndan ýylda 1 gezek) we degişli öňüni alyş sanjymlary almaga degişlidirler. Ýerine ýetirilýän işiň häsiýetine baglylykda degişli ýörite egin-eşikler we çalşyrgyç toplumlary bilen üpjün edilmelidirler. Ýörite egin-eşikler dar bolmaly däldir we rahat bolmalydyr hem-de işgärleri tozandan we beýleki hapalardan goramalydyr, arassalamak we dezinfeksiýa taýdan işläp geçmek üçin elýeterli bolmalydyr.

49. Galyndylardan önüm öndürmek boýunça kärhanalarda ýörite egin-eşigi ýuwmak üçin kir ýuwulýan ýer we ony dezinfeksiýa taýdan işläp geçmek üçin gurluş (kamera) göz öňünde tutulmalydyr.